**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna**
на 1 марта 2026 года
as of March 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR
НОВОСТИ / NEWS

**BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
3

**BANKLARYŇ KASSA AMALLARY BÖLÜMLERINIŇ HÜNÄRMENLERI ÜÇIN HÜNÄRI ÝOKARLANDYRYŞ OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
4

## SELJERIŞ MAKALALARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMY: ÖSÜŞIŇ TÄZE BASGANÇAKLARYNA TARAP**
5

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
7

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
9

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR
НОРМАТИВНО-ПРАВОВЫЕ АКТЫ / REGULATORY LEGAL ACTS

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2026-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 4-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça barlaglary geçirmegiň, şeýle-de Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulandygy üçin ulanylýan maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri salmagyň, olar barada hasabat bermegiň Tertibi**
22

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň fewral aýynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2026-njy ýylyň 2-6-njy fewraly aralygynda banklaryň daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar hem-de halkara amallar bölümleriniň hünärmenleri üçin Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Banklarda daşary ýurt puluna gözegçilik we halkara amallar» atly okuw maslahatynda daşary ýurt pul bazary we oňa gatnaşyjylar, daşary ýurt pulunda ýerine ýetirilýän amallar, diling amallarynda resminamalaryň alnyp barlyşy, Türkmenistanyň töleg balansy we döwletara hasaplaşyklar, halkara gatnaşyklarda banklaryň orny ýaly çykyşlar diňlenildi. Türmenistanyň daşary ýurt pul syýasaty we kanunçylyk, bank işini kämilleşdirmegiň daşary ýurt tejribesi we milli ýörelgeleri, halkara söwda we dünýä bazarynyň emele gelmegi ýaly ugurlarda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank wekilleri özara pikir alyşdylar.

2026-njy ýylyň 9-13-nji fewraly aralygynda banklaryň kassa amallary bölümleriniň müdirleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Pulhana amallaryny geçirmegiň we olary resmileşdirmegiň tertibi» atly okuw maslahatynda girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi, gaýtadan sanaýyş pulhanalarynyň işiniň tertibi, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň tölege ukyplylygynyň alamatlaryny kesgitlemegiň we olary çalyşmagyň tertibi, tölege ukypsyz, hakyky däl, şübheli pul belgileri bilen işiň gurnalyşy, nagt pullar bilen bagly işi gurnamagyň tertibi, nagt pullaryň taýýarlanylyşy we gaplanylyşy barada giňişleýin gürrüň berildi.

2026-njy ýylyň 16-20-nji fewraly aralygynda banklaryň şahamçalarynyň dolandyryjylary we dolandyryjylarynyň orunbasarlary üçin Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Bank töwekgelçiligini dolandyrmak» atly okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda bank töwekgelçiligi, görnüşleri we olary dolandyrmagyň usullary, karzlaryň hasaba alnyşynyň auditi, karz registri we onuň ähmiýeti, esasy makroykdysady meseleler we milli hasaplar ulgamy, halkara amallaryň töleg balansynda hasaba alnyşy ýaly çykyşlar diňlenildi. Gözegçilik barlagyny geçirmegiň aýratynlyklary, auditorlara bildirilýän hünär derejesiniň talaby we auditorlyk işiniň ahlak kadalary, «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň düzgünleri ýaly ugurlarda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2026-njy ýylyň 23-27-nji fewraly aralygynda «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde banklaryň Kibergorag merkezleriniň we Maglumat howpsuzlygy bölümleriniň hünärmenleri üçin «Maglumat we kiberhowpsuzlygyň üpjün edilişi» atly okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynda karz edarasynda maglumat we kiberhowpsuzlyk talaplarynyň berjaý edilişi we olar boýunça hasabatlylyk, hasabatlaryň dogry we doly ýerine ýetirilişi, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Kibergorag merkezi bilen utgaşykly işlemegiň tertibi we düzgünleri, «defence-in-depth» maglumat howpsuzlyk strategiýasynyň tapgyrlaryny ýerine ýetirmek, kibertürgenleşik çäresiniň geçirilişi, pentest (ulgamlaryň goragyny, rugsatsyz girişi we ygtyýarlygy barlamak üçin test) barlagy barada giňişleýin gürrüň berildi. Bank ulgamynyň wekilleri banklarda adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda ýerine ýetirilmeli çäreler, kiberhadysalara

garşy durmak, olara jogap gaýtarmagyň düzgünleri we usullary barada özara pikir alyşdylar.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-den gowrak wekili gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANKLARYŇ KASSA AMALLARY BÖLÜMLERINIŇ HÜNÄRMENLERI ÜÇIN HÜNÄRI ÝOKARLANDYRYŞ OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň fewral aýynyň 21-nji we 27-nji senelerinde Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynda karz edaralarynyň Kassa amallary bölümleriniň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

Okuw maslahatlarynyň dowamynda karz edaralarynda girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi, tölege ukypsyz, hakyky däl we şübheli pul belgileri bilen işiň gurnalyşy, «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda bank ulgamynyň işgärleriniň gulluk we hünär etikasynyň kadalaryny, ahlak we estetika medeniýetini berjaý etmegiň düzgünleri, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi, şeýle hem bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribeleri paýlaşyldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMY: ÖSÜŞIŇ TÄZE BASGANÇAKLARYNA TARAP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda köpugurly özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagy öňi bilen, ýurdumyzyň ykdysady ulgamynyň işine täzeçe, döwrüň talabyna laýyk guramaklygy we dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesine eýerip, ony yzygiderli kämilleşdirmekligi talap edýär. Diňe döwrebap, kämil ykdysady ulgamyň bolmagy ýurduň ykdysadyýetini ýokary depginler bilen ösdürmäge, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, ykdysady gurallaryň işjeňligini artdyrmaga oňyn şertleri döreder.

2026-njy ýylyň 13-nji fewralynda geçen ýylyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» kabul edilmegi, onda sebit syýasatyny mudan beýläk-de giň gerimde ilerletmek, ykdysadyýetiň hususy bölegininiň işjeňligini artdyrmak, senagat kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny doly güýjünde peýdalanmak, täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak çärelerine uly orun berilmegi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem ýurduň durmuş-ykdysady abadançylygyny berkitmäge gönükdirilen işleriň dowam etdiriljekdigine ynamy güýçlendirýär.

Giňişleýin mejlisde maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edilip, onuň 6,3 göterim artandygy barada berlen hasabat ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak bilen baglanyşykly amala aşyrylýan işleriň öz mynasyp miwelerini eçilýändigini aňladýar. Bu hem öz gezeginde ykdysadyýetde sazlaşykly ösüşiň saklanylmagyna ýardam edýär.

Bilşimiz ýaly, ykdysady ulgam örän giň düşünje. Ol öz içine ýurduň ähli ykdysady toplumyny alýar. Şonuň üçin hem onuň düzüm bölegi bolan bank ulgamynyň ýurduň ykdysady ösüşine edýän täsiri barada gürrüň bermek ýerlikli bolar. Bank beýleki ykdysady ulgamlardan üzňe däl-de, eýsem olaryň aýrylmaz bir düzüm bölegidir. Şonuň üçin onuň ykdysady ösüşe täsiri diňe ýurdumyzyň beýleki ykdysady ulgamlary bilen sazlaşykly, kadaly hereket edýän ýagdaýynda doly derejede ýüze çykýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda bank ulgamynyň kanun binýadyny berkitmeklige, bankyň geçirýän gözegçilik işlerini güýçlendirmeklige, pul-karz syýasatyny kämilleşdirmeklige, halkara maliýe-karz guramalary bilen işjeň aragatnaşygy ýola goýmaklyga, maýa goýum işini maliýeleşdirmekde uzak möhletli bank karzynyň paýynyň ýokarlanmagyna, müşderilere edilýän bank hyzmatlarynyň görnüşleriniň köpelmegine we hiliniň gowulandyrylmagyna aýratyn üns berýär.





Banklar, esasan, pul häsiýetli amallary ýerine ýetirýärler. Olar pul goýumlaryny kabul edýärler, puly karzyna berýärler, nagt we nagt däl görnüşlerde pul hasaplaşyklaryny geçirýärler. Şeýlelikde, haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesi, söwdanyň, pul dolanyşygynyň ösüşi bank işiniň hem gerimini, hem mazmunyny kesgitleýär. Karz beriji öz-özünden bank bolup bilmeýär. Pul we söwda dolanyşyklarynyň ýeterlik derejede herekete girmegi bilen pul alyş-çalşygy, bank işi kärhananyň esasy işine öwrülende, bank işi söwdadan bölünip aýrylanda we işiň özbaşdak görnüşine geçende karz beriji banka öwrülýär. Banklar milli bazaryň we halkara söwdanyň ösüşine özüniň ýerine ýetirýän amallary (hyzmatlary) bilen gönüden-göni täsir edýär. Önümçiligiň ösmegi, haryt öndürijileriň arasyndaky alyş-çalşygyň geriminiň giňelmegi bilen bank hyzmatlaryna bolan isleg hem artýar. Bu öz gezeginde, banklaryň hemişe gözlegde bolmaklaryny talap edýär. Bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň müşderilere hödürlenmegi olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejelere çykarylmagyna we bank geleşigine gatnaşýan taraplara amatly ykdysady şertleriň döredilmegine mümkinçilik berýär.

Ýurtda karzlaşdyrmagyň döwrüň talabyna laýyklykda ösdürilmegi ykdysadyýetde bank ulgamynyň ähmiýetiniň ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär. Soňky ýyllarda hususy pudagyň ösmegine gönükdirilen karz serişdeleriniň möçberi ep-esli artdy. Häzirki wagtda ýurduň ykdysadyýetine gönükdirilen karz goýumlaryň möçberleri artdyrylýar.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň önümçilik işlerini amala aşyrmak üçin pul serişdeleriniň wagtlaýyn artdyrylmagyna bolan zerurlyklaryny häsiýetlendirýän karzlaşdyrmagyň has-da ösdürilmegi ykdysady ösüşiň geljekki ugurlary üçin wajyp ähmiýete eýe bolar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň döwlete eýeçiligine degişli bolmadyk bölegini ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Hususy pudagyň jemi içerki önümiň möçberindäki paýy yzygiderli artyrylýar. Şu ýylda jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 72,9 göterime ýetirmek, şeýle hem 2026-njy ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 41,2 milliard manada golaý maýa goýumlaryny gönükdirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bank ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler bu ulgamyň ykdysady ösüşe täsirini has hem ýokarlandyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ykdysady taglymatyndan ugur alnyp, ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan köp sanly uly möçberli ykdysady çäreler işlenilip düzüldi we olar üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Olardan: ýurdumyzyň pul aýlanyşygynyň kadaly hereketiniň ýola goýulmagy, ilatyň erkin pul serişdeleriniň amatly şertlerde bank dolanyşygyna çekilmegi, elektron töleg ulgamynyň kämilleşdirilmegi, täze töleg-hasaplaşyk gurallarynyň hödürlenmegi, müşderilere berilýän karzlaryň elýeterli bolmagynyň gazanylmagy, banklaryň maýa goýum işine işjeň gatnaşmaklarynyň üpjün edilmegi, ýurtda kiçi we orta telekeçiligiň ösdürilmegi üçin zerur şertleriň döredilmegi we ýene-de birnäçe bank amallaryna degişli çäreleri görkezmek bolar. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň esasy aýratynlygy hem ýurduň ykdysady ösüşiniň gönüden-göni halkyň durmuş goraglylygynda, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň belende göterilmeginde öz beýanyny tapýanlygyndan ybaratdyr.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmäge, raýatlarymyzyň parahat we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan belent tutumly işleri hemişe rowaç alsyn!

**Dädebaý MÄMMEDOW,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik
bankynyň «Daşoguz» şahamçasynyň
Dolanşyk kassa amallary bölüminiň müdiri

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of March 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of March 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 марта 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of March 1, 2026




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2026 года
Authorized capital size as of 1 March 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 марта 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 March 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.03.2025 | 01.01.2026 | 01.03.2026 | 01.03.2026<br>01.01.2026-e, %-de | 01.03.2026<br>01.03.2025-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100 ,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 510 622** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 507,50** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 512,01** | **7 743,11** | **7 823,08** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **15 213,20** | **15 255,59** | **13 890,48** | *91,1* | *91,3* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **90 079,01** | **98 556,69** | **100 756,17** | *102,2* | *111,9* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **38 216,41** | **38 461,00** | **38 340,60** | *99,7* | *100,3* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of March 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of March 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **24** | **4** | **1** | **4** | **3** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2026 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of March 1, 2026

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 3 035 753,9 | 38,8 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 876 757,2 | 24,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 36,4 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 823 082,1** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

### 2026-njy ýylyň fewral aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в феврале 2026 года
Interest rates declared at the credit auction of CBT in February, 2026

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов<br>Terms of credits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года<br>Up to 1 year | 5,0 % |

### 2026-njy ýylyň fewral aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в феврале 2026 года
Interest rates declared at the deposit auction of CBT in February, 2026

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов<br>Terms of deposits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 aý/<br>1 месяц /1 month | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяц /2 month | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца /3 month | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана
Refinance rate of the Central Bank of Turkmenistan

| Hereket eden döwri<br>Период действия<br>Period of validity | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,%<br>Interest rate,% | Esas<br>Основание / Authorizing document |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.125 08.07.1997 |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.196 of 06.08.1998 |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.212 of 03.08.1999 |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.39 of 11.02.2000 |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 161 of 25.05.2000 |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 02.01.2001 |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г.<br>Order of the Central Bank of TurkmenistanNo. 304 of 07.12.2001 |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 23.01.2003 |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 133 of 25.05.2004 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана
## Standards for deductions of credit institutions to the required reserves with the Central Bank of Turkmenistan

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата<br>Confirmed date | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов<br>Required Reserves Level | Bellikler<br>Примечания / Notes |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц<br>- for term deposits, accounts in national and foreign currency of legal entities |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц<br>- for other funds in national currency of legal entities |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц<br>- for other funds in foreign currency of legal entities |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>-on term deposits of legal entities in national currency |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2026-njy ýylyň fewral aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy

Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в феврале 2026 года

List of prices of precious metals per 1 (one) ounce based on the results of morning trading of the London Bullion Market Association (LBMA) in relation to the Turkmen manat, valid in February 2026

manat /манат/ manat

| | Altyn / Золото/ Gold | Kümüş / Серебро/ Silver | Platina / Платина/ Platinum | Palladiý / Палладий/ Palladium |
|---|---|---|---|---|
| 02.02.2026 | 16 399,0750 | 286,9125 | 7 220,5000 | 5 848,5000 |
| 03.02.2026 | 17 232,7750 | 306,2150 | 7 843,5000 | 6 328,0000 |
| 04.02.2026 | 17 681,1250 | 317,0650 | 7 990,5000 | 6 419,0000 |
| 05.02.2026 | 17 006,8500 | 275,4850 | 7 420,0000 | 6 083,0000 |
| 06.02.2026 | 17 045,3500 | 262,2900 | 7 042,0000 | 5 778,5000 |
| 09.02.2026 | 17 473,7500 | 281,2600 | 7 241,5000 | 5 953,5000 |
| 10.02.2026 | 17 667,8250 | 287,9800 | 7 346,5000 | 6 051,5000 |
| 11.02.2026 | 17 746,0500 | 301,3500 | 7 623,0000 | 6 163,5000 |
| 12.02.2026 | 17 721,3750 | 292,3025 | 7 434,0000 | 6 009,5000 |
| 13.02.2026 | 17 392,5500 | 270,7250 | 7 136,5000 | 5 768,0000 |
| 16.02.2026 | 17 518,9000 | 269,8150 | 7 154,0000 | 5 922,0000 |
| 17.02.2026 | 17 228,0500 | 261,2575 | 6 975,5000 | 5 876,5000 |
| 18.02.2026 | 17 208,9750 | 264,0750 | 7 133,0000 | 5 995,5000 |
| 19.02.2026 | 17 468,6750 | 272,1250 | 7 311,5000 | 5 992,0000 |
| 20.02.2026 | 17 613,0500 | 281,7675 | 7 406,0000 | 6 013,0000 |
| 23.02.2026 | 18 016,4250 | 304,2900 | 7 577,5000 | 6 216,0000 |
| 24.02.2026 | 18 085,3750 | 308,3675 | 7 574,0000 | 6 132,0000 |
| 25.02.2026 | 18 101,1250 | 317,4675 | 8 025,5000 | 6 401,5000 |
| 26.02.2026 | 18 111,6250 | 302,5050 | 8 015,0000 | 6 254,5000 |
| 27.02.2026 | 18 109,3500 | 314,9125 | 8 277,5000 | 6 363,0000 |

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

The prices are set without any obligation on the part of the Central Bank of Turkmenistan to buy or sell the specified precious metals at these prices.

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Международных операций*
*Prepared by the Department of International Operations*

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)
Average interest rates on credits in national currency of credit institutions of Turkmenistan (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки<br>State commercial banks | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки<br>Joint-stock commercial banks | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития<br>State Development Bank | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала<br>Banks with foreign capital participation | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal Entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals |
| **Ýanwar, 2026**<br>Январь, 2026<br>January, 2026 | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Until demanded | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца / up to 1 month | | | | | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца / 1- 3 months | | | | 12,00 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца / 3- 6 months | | | | 8,46 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца / 6-12 months | | 12,00 | | 10,91 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г.<br>More than1 year | 3,00 | 13,20 | 6,50 | 10,18 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)
Average interest rates on deposits in national currency of the credit institutions of Turkmenistan (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки<br>State commercial banks | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки<br>Joint-stock commercial banks | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития<br>State Development Bank | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала<br>Banks with foreign capital participation | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal Entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам<br>Legal entities | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам<br>Individuals |
| **Ýanwar, 2026**<br>Январь, 2026<br>January, 2026 | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demands deposits | | 2,85 | | 0,39 | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца /up to 1 month | | | | 10,00 | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца / 1- 3 months | 1,00 | 9,12 | | 4,00 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца / 3- 6 months | | 9,00 | | 8,42 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца / 6-12 months | 0,28 | 9,60 | | 9,10 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г.<br>More than1 year | | 6,05 | | 3,00 | | | | |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri

Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

Credits in national currency provided by the credit institutions and interest rates on them

| Показатели | 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе 2026 г.<br>Volume of issued credits and average interest rates in January 2026 | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат)<br>Amount (mln manat) | Ortaça göterimi (%)<br>Средний процент (%)<br>Average percentage (%) |
| **Jemi berildi<br>Выдано, всего / Issued, total** | **2 365,09** | **5,07** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам / legal entities | 1 978,04 | 4,60 |
| raýatlara<br>физическим лицам / individuals | 387,05 | 7,48 |
| **Jemi berlen karzlardan:<br>Из общей суммы кредитов:<br>from the overall amount of credits:** | | |
| **Gysga möhletli, jemi<br>Краткосрочные, всего<br>Short-term, total** | **117,84** | **2,21** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам / legal entities | 117,73 | 2,20 |
| raýatlara<br>физическим лицам / individuals | 0,11 | 11,13 |
| **Uzak möhletli, jemi<br>Долгосрочные, всего<br>Long-term, total** | **2 247,25** | **5,22** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам / legal entities | 1 860,31 | 4,75 |
| raýatlara<br>физическим лицам / individuals | 386,94 | 7,47 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri

**Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним**

**Deposits in national currency attracted by credit institutions and interest rates on them**

| Görkezijiler<br>Показатели<br>Indicators | 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе 2026 г.<br>Volume of attracted deposits and average interest rates in January 2026 | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат)<br>Amount (mln manats) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%)<br>average percentage (%) |
| **Jemi çekilen:<br>Привлечено всего: / Total attracted:** | **21 576,49** | **0,31** |
| **Talap edilýänçä<br>До востребования / Demand deposits** | **21 328,72** | **0,28** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам / legal entities | 18 098,91 | |
| raýatlara<br>физическим лицам / individuals | 3 229,81 | 1,85 |
| **Möhletli<br>Срочные / Term deposits** | **247,77** | **2,61** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам / legal entities | 181,05 | 0,31 |
| raýatlara<br>физическим лицам / individuals | 66,72 | 8,86 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***

*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
## Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана
## Consolidated balance sheet of the credit institutions of Turkmenistan

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| | 01.03.2025 | 01.01.2026 | 01.03.2026 | 01.03.2026 ý.<br>01.03.2025 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ/ ASSETS** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства<br>Cash and cash equivalents | 825 196,09 | 711 223,31 | 870 041,77 | *105,43* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах<br>Correspondent accounts with the Central Bank of Turkmenistan and the funds at reserve accounts | 19 795 471,44 | 19 435 309,40 | 18 564 533,01 | *93,78* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам<br>Credits granted to credit institutions, enterprises, organizations and individuals | 124 392 981,60 | 133 370 667,22 | 134 100 478,28 | *107,80* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции<br>Fixed assets andinvestments | 1 655 894,80 | 1 729 171,47 | 1 713 904,41 | *103,50* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы<br>Other assets | 11 611 079,12 | 12 791 324,59 | 12 765 716,44 | *109,94* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ / TOTAL ASSETS** | **158 280 623,05** | **168 037 695,99** | **168 014 673,92** | ***106,15*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ / LIABILITIES** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства<br>Net worth | 13 968 345,33 | 14 987 743,90 | 14 831 969,33 | *106,18* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства<br>Attracted and borrowed funds | 110 157 434,29 | 113 347 752,13 | 112 489 874,03 | *102,12* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам<br>Mutual settlements with branches under the credit resources | 30 753 998,19 | 36 061 200,66 | 37 216 694,86 | *121,01* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы / Other liabilities | 3 400 845,24 | 3 640 999,31 | 3 476 135,70 | *102,21* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ / TOTAL LIABILITIES** | **158 280 623,05** | **168 037 695,99** | **168 014 673,92** | ***106,15*** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

# Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat

Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

Informationon outstandingdebtunder the credits issued by the credit institutions of Turkmenistan in national currency to enterprises, organizations, households

mln manat / млн манат/mln manat

| Görkezijiler<br>Показатели<br>Indicators | 01.03.2025 | | | | 01.01.2026 | | | | 01.03.2026 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов<br>Total credits | şol sanda / в том числе / including: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов<br>Total credits | şol sanda / в том числе / including: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов<br>Total credits | 01.03.2026 ý.<br>01.03.2025 ý.<br>%-de<br>in % | şol sanda / в том числе / including: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные<br>Short-term | Uzak möhletli<br>Долгосрочные<br>Long-term | Möhleti geçen<br>Просроченные<br>Overdue credits | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные<br>Short-term | Uzak möhletli<br>Долгосрочные<br>Long-term | Möhleti geçen<br>Просроченные<br>Overdue credits | | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные<br>Short-term | Uzak möhletli<br>Долгосрочные<br>Long-term | Möhleti geçen<br>Просроченные<br>Overdue credits |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению<br>The remainder of credits provided by credit institutions of Turkmenistan in national curency to enterprises, organizations, households | **90 079,01** | **5 665,62** | **82 216,43** | **2 196,97** | **98 556,69** | **6 467,56** | **90 796,52** | **1 292,62** | **100 756,17** | **111,85** | **2 281,07** | **97 144,77** | **1 330,33** |
| şol sanda / в том числе /including: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности<br>The remainder of credits provided to enteprises and non-state owned organizations | **49 550,31** | 5 149,84 | 42 428,91 | 1 971,56 | **48 332,95** | 6 027,50 | 41 542,50 | 762,95 | **48 491,95** | 97,86 | 1 806,03 | 45 926,94 | 758,97 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности<br>The remainder of credits provided to enteprises and non-state owned organizations | **14 877,37** | 417,21 | 14 357,59 | 102,58 | **18 829,96** | 327,24 | 18 195,92 | 306,80 | **20 687,61** | 139,05 | 351,12 | 19 994,26 | 342,23 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица<br>The remainder of credits to individuals and entrepreneurs without the legal entity status | **25 651,33** | 98,56 | 25 429,93 | 122,83 | **31 393,79** | 112,82 | 31 058,10 | 222,87 | **31 576,61** | 123,10 | 123,92 | 31 223,57 | 229,12 |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***

*Подготовлено департаментом Кредитных операций/ Prepared by the Credit Operations Department*

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения
Rates of growth of balances on the settlement, current accounts and deposit accounts of the enterprises, organizations and the households

mln manat / млн манат/mln manat

| Görkezijiler<br>Показатели<br>Indicators | 01.03.2025 | | | 01.01.2026 | | | 01.03.2026 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | Möhletli<br>Срочные<br>Term deposits | Jemi<br>Всего / Total | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | Möhletli<br>Срочные<br>Term deposits | Jemi<br>Всего / Total | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | Möhletli<br>Срочные<br>Term deposits | Jemi<br>Всего / Total | 01.03.2026 ý.<br>01.03.2025 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях<br>Funds on the settlement, current accounts and deposit accounts of the enterprises, organizations and households with the credit institutions | **46 702,48** | **10 730,32** | **57 432,80** | **46 432,57** | **12 089,84** | **58 522,41** | **47 283,17** | **11 410,92** | **58 694,09** | *102,20* |
| şol sanda / в том числе/including: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности<br>Funds of state-owned enterprises and organizations | 31 813,88 | 9 445,31 | **41 259,19** | 28 767,80 | 10 289,70 | **39 057,51** | 30 005,24 | 9 925,40 | **39 930,65** | *96,78* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения<br>Funds ofenterprises, organizations non-state property, of the households | 14 888,60 | 1 285,01 | **16 173,61** | 17 664,77 | 1 800,13 | **19 464,90** | 17 277,93 | 1 485,51 | **18 763,45** | *116,01* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица<br>Funds of individuals and entrepreneurs without the legal entity status | 5 088,72 | 739,27 | **5 828,00** | 7 699,46 | 977,15 | **8 676,61** | 7 450,97 | 1 023,62 | **8 474,59** | *145,41* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/Prepared vy banking Supervision Department*

# Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
## Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана
## Household deposits with the credit institutions of Turkmenistan

mln manat / млн манат/mln manat

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2025 | | | 01.01.2026 | | | 01.03.2026 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч.<br>Funds attracted todeposits in total, inc. | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | Möhletli<br>Срочные / Term deposits | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч.<br>Funds attracted todeposits in total, inc. | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | Möhletli<br>Срочные / Term deposits | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч.<br>Funds attracted todeposits in total, inc. | 01.03.2026 ý. - 01.03.2025 ý. %-de | Talap edilýänçä<br>До востребования<br>Demand deposits | 01.03.2026 ý. - 01.03.2025 ý. %-de | Möhletli<br>Срочные / Term deposits | 01.03.2026 ý. - 01.03.2025 ý. %-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках<br>In state-commercial banks | **2 740,74** | 2 342,02 | 398,72 | **3 973,31** | 3 409,99 | 563,32 | **3 332,62** | 121,60 | 2 720,22 | 116,15 | 612,39 | 153,59 |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda<br>В акционерно-коммерческих банках<br>In joint-stock commercial banks | **1 592,77** | 1 256,06 | 336,71 | **2 075,57** | 1 665,78 | 409,79 | **1 916,39** | 120,32 | 1 508,73 | 120,12 | 407,67 | 121,07 |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков<br>In branches of foreign banks | **0,34** | 0,34 | | 0,82 | 0,82 | | **0,76** | 220,10 | 0,76 | 220,10 | | |
| **Jemi / Итого / Total** | **4 333,86** | **3 598,42** | **735,43** | **6 049,71** | **5 076,60** | **973,11** | **5 249,77** | **121,13** | **4 229,71** | **117,54** | **1 020,06** | **138,70** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора / Prepared by the Banking Supervision Department*

## 2026-njy ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 марта 2026 года
Information on the POS, ATMs and bank cards registered in the bank card system of Turkmenistan as of March 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкомат / ATM | Terminallar<br>Терминал /Terminal | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят<br>Ahal velayat | | | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | | | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят<br>Balkan velayat | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят<br>Dashoguz velayat | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят<br>Lebap velayat | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят<br>Mary velayat | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы/ ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal | Bank kartlary<br>Банковские карты<br>Bank cards | Bankomatlar<br>Банкоматы / ATM | Terminallar<br>Терминалы<br>Terminal |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана<br>Central Bank of Turkmenistan | **1** | **4** | **2** | | 1 | | 1 | 1 | 2 | | | | | 1 | | | | | | | | | 1 | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **358 921** | **54** | **1 297** | | | 65 | 318 312 | 34 | 828 | | | | 40 609 | 20 | 346 | | | 27 | | | 11 | | | 20 |
| T. «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк»<br>SCBT «Dayhanbank» | **2 182 086** | **1 022** | **6 933** | 330 231 | 180 | 795 | 38 604 | 19 | 320 | 1 528 | 2 | 10 | 144 299 | 89 | 989 | 540 855 | 194 | 1 702 | 472 431 | 263 | 1 688 | 654 138 | 275 | 1 429 |
| T. «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан»<br>SCBT «Turkmenistan» | **1 176 949** | **443** | **7 346** | 83 670 | 40 | 700 | 542 663 | 207 | 3 083 | 10 766 | 5 | 78 | 173 822 | 64 | 1 041 | 89 159 | 26 | 570 | 127 422 | 49 | 1 035 | 149 447 | 52 | 839 |
| T. «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк»<br>JSCBT «Halkbank» | **1 105 715** | **145** | **5 106** | 198 753 | 11 | 470 | 258 434 | 68 | 1 739 | 3 261 | 3 | 46 | 42 217 | 5 | 501 | 184 040 | 9 | 628 | 280 645 | 24 | 808 | 138 365 | 25 | 914 |
| T. «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши»<br>JSCBT «Turkmenbashi» | **711 631** | **354** | **5 753** | 11 075 | 7 | 121 | 247 052 | 91 | 1 262 | | | | 152 085 | 81 | 908 | 51 452 | 35 | 867 | 141 781 | 74 | 1 286 | 108 186 | 66 | 1 309 |
| T. «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат»<br>JSCBT «Senagat» | **537 098** | **86** | **3 658** | 25 954 | 6 | 101 | 263 946 | 15 | 1 489 | 1 580 | 2 | 7 | 94 137 | 14 | 858 | 39 289 | 11 | 492 | 44 519 | 18 | 258 | 67 673 | 20 | 453 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал»<br>JSCB «Rysgal» | **161 872** | **20** | **3 977** | | | | 91 109 | 12 | 2 151 | | | | 11 184 | 2 | 410 | 13 190 | 2 | 425 | 20 968 | 2 | 390 | 25 421 | 2 | 601 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ<br>Turkmen-Turk JSCB | **150 963** | **7** | **1 985** | | | | 136 941 | 3 | 1 398 | | | | 996 | | 7 | 2 251 | 1 | 84 | 5 577 | 2 | 242 | 5 198 | 1 | 254 |
| **Jemi / Итого / Total** | **6 385 236** | **2135** | **36 057** | **649 683** | **245** | **2252** | **1 897 062** | **450** | **12 272** | **17 135** | **12** | **141** | **659 349** | **276** | **5060** | **920 236** | **278** | **4795** | **1093 343** | **432** | **5 718** | **1 148 428** | **442** | **5819** |

***Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ /Preparedby the IT Department*

## 01.01.2026 - 01.03.2026 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2026 по 01.03.2026 года
Cash and non-cash money turnover as per bank cards over the period from 01.01.2026 to 01.03.2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Jemi / Итого/Total | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций<br>Number of operations | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) Cash withdrawal (manat) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) / Cashless payment (manat) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат<br>Via ATM | Terminal üsti bilen<br>Через терминал<br>Via POS terminal | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат<br>Via ATM | Terminal üsti bilen<br>Через терминал<br>Via POS terminal | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк»<br>Via «Internet-banking» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк»<br>Via «Mobile-banking» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции»<br>Via «Electronic Commerce» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал»<br>Via «Halkbank terminal» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана<br>Central Bank of Turkmenistan | 7 361 | 2 759 995 | 1 248 889 | 354 727 | | | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | 316 191 | 54 657 180 | | | 78 370 368 | 623 802 | 1 111 710 | 4 027 767 | |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | 3 566 985 | 1 470 813 025 | 52 705 708 | 40 482 265 | 928 241 574 | 570 555 | 1 720 446 | 39 477 930 | 34 807 475 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан»<br>SCBT «Turkmenistan» | 3 057 496 | 949 987 990 | 9 585 299 | 12 544 007 | 436 747 086 | 1 011 480 | 4 013 102 | 4 463 130 | 3 946 694 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши»<br>JSCBT «Turkmenbashi» | 2 153 806 | 404 903 110 | 1 308 | 8 471 697 | 384 420 964 | 4 282 | 220 844 | 113 343 | 210 874 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» / JSCBT «Halkbank» | 5 642 814 | 393 736 570 | 1 025 034 | 10 157 501 | 244 382 798 | 13 799 | 37 935 | 468 503 026 | 4 504 103 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» / JSCBT «Senagat» | 925 668 | 156 966 580 | 1 306 292 | 3 775 902 | 197 565 585 | 13 467 | 603 702 | 21 648 778 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | 915 309 | 74 361 445 | 415 760 | 529 582 | 315 500 666 | | 19 121 865 | 13 313 688 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ<br>Turkmen-Turk JSCB | 344 659 | 10 873 620 | 233 130 | 43 586 | 116 052 802 | 22 | 7 589 | 44 808 | |
| **Jemi / Итого / Total** | **16 930 289** | **3 519 059 515** | **66 521 421** | **76 359 267** | **2 701 281 842** | **2 237 407** | **26 837 192** | **551 592 470** | **43 469 147** |

***Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ/ Prepared by the IT Department*

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
başlygynyň 2026-njy ýylyň 6-njy ýanwaryndaky
4-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan 2026-njy ýylyň 5-nji fewralynda
1929 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

# Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça barlaglary geçirmegiň, şeýle-de Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulandygy üçin ulanylýan maliýe jerimelerini we puşmana tölеglerini salmagyň, olar barada hasabat bermegiň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça barlaglary geçirmegiň, şeýle-de Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulandygy üçin ulanylýan maliýe jerimelerini we puşmana tölеglerini salmagyň, olar barada hasabat bermegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip), «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) talaplaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip Türkmenistanda pula gözegçilik edýän edara we pula gözegçilik edýän agentler tarapyndan Türkmenistanyň çäginde pul amallaryny ýerine ýetirýän dahyllylaryň we dahylsyzlaryň, şeýle-de Türkmenistanyň çäginden daşarda pul amallaryny ýerine ýetirýän dahyllylaryň (mundan beýläk – subýektler), Türkmenistanyň puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek babatdaky kanunçylygyny (mundan beýläk - Türkmenistanyň pul kanunçylygy) berjaý etmek meseleleri boýunça barlaglary (mundan beýläk-Barlag) geçirmegiň, olar barada hasabat bermegiň, şeýle hem pula gözegçilik edýän edara tarapyndan Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulandygy üçin ulanylýan maliýe jerimelerini we puşmana tölеglerini salmagyň tertibini kesgitleýär.

## II bap. Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça barlaglary geçirmegiň tertibi

3. Pula gözegçilik edýän edara we agentler tarapyndan gündelik gözegçilik, resminamalaýyn, kameral, meýilnamalaýyn we meýilnamadan daşary maksatlaýyn, şeýle hem hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik ediji edaralarynyň maglumatlary, fiziki we ýuridik şahslardan gelip gowşan arzalar, şikaýatlar esasynda geçirilen barlaglaryň netijesinde Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy pula gözegçilik edýän edara tarapyndan dahyllylara we dahylsyzlara degişlilikde şu aşakdaky görnüşde maliýe jerimeleriniň we puşmana tölеgleriniň salynmagyna getirýär:

1) aşakdaky amalyň pul möçberiniň ýüz göterimi möçberinde bir gezeklik maliýe jerime salynmagyna:

a) dahyllylaryň arasynda daşary ýurt pulunda geçirilen pul amaly üçin maliýe jerimesi daşary ýurt puluny alyja-dahylla ulanylýar, şu Kanunyň 15-nji maddasyna laýyklykda dahyllylaryň arasynda daşary ýurt pulunda amala aşyrylan pul amallary muňa degişli däldir;

b) Türkmenistanyň çäginde dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasynda daşary ýurt pulunda geçirilen pul amaly üçin, şu Kanunyň 16-njy maddasynda göz öňünde tutulan, dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasynda Türkmenistanyň çägindäki daşary ýurt pulundaky pul amallary muňa degişli däldir;

2) her bir senenama güni üçin aşakdaky amalyň möçberiniň nol bitin ondan bir göterimi möçberinde puşmana tölеginiň salynmagyna:

a) harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) eksporty üçin dahylla tölenilmeli, emma dahylsyz bilen baglaşylan daşary söwda geleşiginde göz öňünde tutulan möhletde gelip düşmedik milli ýa-da daşary ýurt pulunyň;

b) importy tölemek üçin dahylly tarapyndan deslapdan geçirilen, dahylsyzyň öz borçlaryny ýerine ýetirmezligi bilen baglanyşyklylykda, dahylsyz bilen baglaşylan daşary söwda geleşiginde göz öňünde tutulan möhletde yzyna gaýtarylmadyk milli ýa-da daşary ýurt pulunyň;

ç) dahyllylaryň daşary ýurt banklarynda açan hasaplaryndaky (goýumlaryndaky), pul amallaryny geçirmegiň döwürleri tamamlanandan soň on bank gününiň dowamynda Türkmenistana gaýtarylmadyk pul serişdeleriniň galyndysynyň;

d) pul şertnamasynyň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän maýanyň hereketi bilen baglanyşykly pul amallary boýunça dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki möhletinde üzülmedik bergisiniň, şol sanda dahylsyzyň daşary söwda işi bilen baglanyşyklylykda dahyllydan şu Kanunyň 16-njy maddasynyň on ikinji böleginde göz öňünde tutulan üpjünçiliksiz alnan we möhleti Türkmenistanyň pul kanunçylygynda bellenilen aňryçäk möhletden geçen söwda karzy boýunça bergisiniň;

e) pul şertnamasynyň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän, bellige alynmaga degişli, emma hakykatda bellige alynmazdan amala aşyrylan maýanyň hereketiniň pul amallary boýunça dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki bergisiniň;

ä) dahyllylaryň-ýuridik şahslaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) bellige alnandan soň açmaga degişli bolan, emma hakykatda bellige alynmazdan açylan daşary ýurt karz edaralaryndaky hasaplaryna gelip düşen serişdeleriniň;

f) pul şertnamasynyň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän, soň ýazmaça habarly etmek bilen geçirilmäge degişli, emma pul amalynyň geçirilmeginiň başlanan senesinden soň on bank güni geçen we hakykatda ýazmaça habarly edilmedik maýanyň hereketiniň pul amallary boýunça dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki bergisiniň;

g) dahyllylaryň-ýuridik şahsy döretmezden telekeçileriň daşary ýurt karz edaralarynda soň ýazmaça habarly etmek bilen açylýan, pul amalynyň geçirilmeginiň başlanan senesinden soň on bank güni geçen we hakykatda ýazmaça habarly edilmedik, hasaplaryna gelip düşen serişdeleriň;

h) düşewündiň gündelik pul hasabyna gelip düşeninden soň bäş bank güni geçip, şu Kanunyň 12-nji maddasyna laýyklykda dahylly tarapyndan pul düşewündinden öz wagtynda geçirilmedik geçirimleriniň;

i) düşewündiň gündelik pul hasabyna gelip düşeninden soň bäş bank güni geçip, şu Kanunyň 13-nji maddasyna laýyklykda dahylly tarapyndan hökmany satylmaga degişli pul düşewündiniň öz wagtynda satylmadyk böleginiň.

4. Türkmenistanyň Merkezi banky pula gözegçilik edýän edara (mundan beýläk – pula gözegçilik edýän edara) bolup, hasaplaşyklaryň takyklygyna, milli we daşary ýurt pulunyň wagtynda öz ýurduna gaýtarylmaga gözegçilik edýär. Dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde degişlilikde maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salýar. Şeýle hem, pula gözegçilik edýän agentlerden alnan maglumatlara esaslanyp, pula gözegçilik meselesi boýunça maglumatlar binýadyny döredýär, ygtyýarlyklarynyň çäginde pula gözegçilik agentlikleri tarapyndan wezipeleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär we kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy pula gözegçilik agent hökmünde Türkmenistanyň gümrük serhedinden dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan pul aktiwleriniň hereketine gözegçiligini guraýar, şeýle hem harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetden geçmegini we ýüküň yglan edilen bahasyna we mukdaryna laýyklygyny hasaba alýarlar.

Pula gözegçilik edýän agentler hökmünde ygtyýarly karz edaralary aşakda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýärler:

1) dahyllylaryň we dahylsyzlaryň pul amallaryna gözegçiligini amala aşyrýarlar;

2) dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik edýärler;

3) dahyllylaryň we dahylsyzlaryň pull amallarynyň hasaba almagyna gözegçilik edýärler;

4) pul amallary boýunça hasabatlylygy ýöredýärler.

Türkmenistanyň salgyt edaralary pula gözegçilik edýän agent hökmünde daşary ykdysady gatnaşyklaryndan gelip çykýan pul amallarynyň salgyt tölegleri bilen bagly bölegine gözegçilik edýär, import we eksport bilen bagly salgytlaryny hasaplamagyň we tölemegiň dogrulygyny, şeýle hem buhgalterçilik hasaba alnyşynda we maliýe hasabatlylygynda amallaryň beýan edilmeginiň dogrulygyny barlaýarlar.

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy pula gözegçilik edýän agent hökmünde eksport we import edilýän harytlaryň dünýä we birža nyrhlarynyň laýyklygyna gözegçilik barlaglaryny geçirýär. Pul biržalary bolsa dahyllylaryň we dahylsyzlaryň pul amallarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklygyna baha berýärler we şertnamalarda göz öňünde tutulan resminamalaryň dogrulygyny we dolulygyny barlaýarlar. Gymmat bahaly kagyzlar (gazna) biržalary hem, bu işe gatnaşyp, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallara baha bermek bilen pul gözegçiligine gatnaşýarlar.

5. Pula gözegçilik edýän agentler Türkmenistanyň pul kanunçylygy boýunça Barlaglary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanan kadalaşdyryjy hukuk namalarda göz öňünde tutulan barlaglaryň we gündelik işleriniň dowamynda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrýarlar.

6. Pula gözegçilik edýän edara Türkmenistanyň pul kanunçylygy boýunça Barlaglary pula gözegçilik edýän agentleriň, hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik ediji edaralarynyň maglumatlarynda we fiziki ýa-da ýuridik şahslardan gelip gowşan arzalarda, şikaýatlarda bellenen maglumatlary barlamak maksady bilen, şeýle hem öz başlangyjy boýunça özüniň müşderileri bolup durýan subýektler barada geçirýär.

7. Pula gözegçilik edýän agentler öz barlaglaryň we/ýa-da gündelik işleriniň dowamynda ýüze çykarylan Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulmalary hakynda maglumatlary Pula gözegçilik edýän edara resmi ýagdaýda bermelidirler. Şunda, Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulmalary barlagyň dowamynda ýüze çykarylan bolsa, onda maglumata bu barlagyň ykrarnamasynyň we onuň mazmunynda bellenenleri tassyklaýan resminamalaryň nusgalary goşulmalydyr. Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulmalary pula gözegçilik edýän agentleriň gündelik işleriniň dowamynda ýüze çykarylan bolsa, onda bu barada erkin görnüşde resmileşdirilen maglumat haty we onda bellenenleri tassyklaýan resminamalaryň nusgalary goşulmalydyr.

8. Pula gözegçilik edýän edara tarapyndan şu Tertibiň altynjy bölegine laýyklykda Barlaglaryň geçirilmegine pula gözegçilik edýän edaranyň ýolbaşçysynyň çykaran barlagy geçirmek hakynda buýrugy (mundan beýläk Buýruk) esas bolup durýar.

9. Barlagy geçirmegiň möhleti, barlag geçirmek üçin bellenilýän wezipeli işgärleri, şol sanda barlagyň ýolbaşçysy, barlagyň maksady (tematikasy), şeýle-de barlagy guramak we amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki meseleler Buýrukda bellenilýär.

10. Buýrukda görkezilýän möhlet – 30 (otuz) senenama gününden köp bolmaly däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Tertibiň on ikinji böleginde bellenilen ýagdaýlar muňa girmeýär.

11. Barlag geçirilende bu barada barlagyň subýektlerine barlagyň başlanjak gününden 1 (bir) gün öňünden resmi ýagdaýda habar edilýär.

12. Barlagyň möhletini uzaltmak (barlagyň ýolbaşçysynyň şunuň ýaly uzaltmagy esaslandyrylan hödürlemesi boýunça, hususan-da, barlagyň maksatnamasynda bellenilen soraglar boýunça resminamalaryň, maglumatlaryň, hasabatlaryň we düşündirişleriň bellenilen wagtynda berilmedik ýagdaýynda) pula gözegçilik edýän edaranyň başlygynyň buýrugy (mundan beýläk – barlagyň möhletini uzaltmak hakynda buýruk) bilen Buýrukda görkezilen barlagyň möhleti tamamlanýan wagtyndan gijä galman 30 (otuz) senenama güni geçmeýän möhlete çenli resmileşdirilýär.

13. Barlagyň subýektlerini barlamaga gelen pula gözegçilik edýän edaranyň wezipeli işgärleri şu aşakdaky

resminamalary görkezmäge borçludyr:

1) Buýrugy;

2) gulluk şahsyýetnamalaryny.

14. Barlag geçirmegiň başlanýan wagty diýlip, barlagyň subýektiniň ýolbaşçysyna ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärlerine şu Tertibiň on üçünji böleginde bellenilen resminamalar görkezilen (gowşurylan) pursaty hasap edilýär.

15. Barlagyň subýektine Buýruk görkezilende, subýekt:

1) pula gözegçilik edýän edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärlerini barlaga degişli ähli zerur resminamalar bilen üpjün edýär;

2) zerurlyk bolanda pula gözegçilik edýän edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärlerine barlaga degişli edilen soraglar boýunça aýdyňlaşdyrma berýär, şeýle-de barlaga degişli bolaýjak zerur bolan beýleki maglumatlary berýär.

16. Pula gözegçilik edýän edaranyň barlaga girişmäge haky ýokdur, eger:

1) barlag hakynda Buýruk ýok bolsa ýa-da bellenilen tertipde resmileşdirilmedik bolsa, şol sanda onuň mazmunynda pula gözegçilik edýän edaranyň barlag geçirmeli wezipeli işgärleri görkezilmedik bolsa;

2) barlag hakynda Buýrukda görkezilen möhletleri başlanmadyk ýa-da tamamlanan bolsa.

17. Pula gözegçilik edýän edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleriniň şu aşakdaky resminamalary ýa-da olaryň nusgalaryny barlagyň subýektlerinden talap etmäge we almaga ygtyýarlyklary bardyr:

1) pasporty ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamanyň nusgasy;

2) fiziki şahsyň ýuridik şahsy döretmezden hususy telekeçi hökmünde bellige alnandygy baradaky şahadatnamany;

3) ýuridik şahsyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky şahadatnamany, Ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäni, tertipnamany, esaslandyryş şertnamasyny, esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynyň teswirnamalaryny we ýuridik şahsyň beýleki resminamalaryny;

4) salgyt edarasynda hasaba alnandygy barada resminamany;

5) eger dahylsyzyň şeýle resminamany almagy daşary ýurt döwletiniň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa, dahylsyzyň ýaşaýan (bellige alnan) döwletiniň edaralary tarapyndan resmileşdirilýän we berilýän, dahylsyzlaryň pul amallaryny geçirmäge, hasaplary (goýumlary) açmaga hukugyny tassyklaýan resminamalary;

6) ygtyýarnamalary, şeýle-de şu Kanunda bellenilen ýagdaýlarda bellige alyş resminamalaryny ýa-da ýazmaça habarly edilýän hatlarynyň nusgalaryny, şeýle-de, barlagyň subýekti tarapyndan amala aşyrylýan işleriň esaslaryny (laýyklyk sertifikatlary, şahadatnamalary, kepilnamalary we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylan ýa-da rugsat beriji resminamalary);

7) pul şertnamalaryny;

8) karz edaralary tarapyndan berilýän, hasaplar (goýumlar) boýunça pul amallarynyň geçirilendigini tassyklaýan güwänamalary we göçürmeleri;

9) geleşigiň pasportyny, şol sanda geleşikler boýunça borçlaryň ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalary;

10) ýük gümrük deklarasiýalaryny, şeýle-de pul gymmatlyklarynyň Türkmenistana getirilendigini ýa-da Türkmenistandan alnyp gidilendigini tassyklaýan gümrük deklarasiýalaryny;

11) emläk we emläk däl hukuklary tassyklaýan resminamalary;

12) pul amallarynyň geçirilmegi, hasaplaryň (goýumlaryň) açylmagy we ýöredilmegi bilen baglanyşykly.

18. Pula gözegçilik edýän edaranyň wezipeli işgärleriniň arasynda barlag hakynda Buýrukda görkezilen barlamaga degişli soraglaryň ýa-da başga wezipeleriň paýlanylmagy barlagyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar.

19. Buýrugy we/ýa-da barlagyň möhletini uzaltmak hakynda buýrugy barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) kabul etmedik we/ýa-da pula gözegçilik edýän edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleriniň barlag üçin zerur bolan resminamalardan we maglumatlardan peýdalanmagyna mümkinçilik döredilmedik ýagdaýynda, pula gözegçilik edýän edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleri tarapyndan bu barada teswirnama düzülýär. Teswirnama barlagyň ýolbaşçysy we barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) tarapyndan gol çekilýär. Barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärleri) teswirnama gol çekmekden ýüz öwürmegiň sebäbini ýazmaça düşündirmäge haklydyrlar.

20. Pula gözegçilik edýän edara tarapyndan geçirilen barlagyň netijeleri boýunça şu aşakdakylary görkezmek bilen ýazmaça görnüşde barlagyň ykrar haty düzülýär:

1) barlag geçirlen ýeri, ykrarnamanyň düzülen senesi;

2) ykrarnamany düzen barlagyň ýolbaşçysyň, barlaga gatnaşan wezipeli işgärleriniň işleýän ýeri, wezipeleri, familiýalary, atlary we atasynyň atlary;

3) barlagyň subýektleri barada maglumat:

a) fiziki şahsyň familiýasy, ady we atasynyň ady,  hemişelik (ýazgyda duran) ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy, hususy salgyt belgisi (bar bolan halatynda);

b) ýuridik şahsyň doly ady, şahsy salgyt belgisi, hukuk salgysy;

ç) wezipeli adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady,  hemişelik (ýazgyda duran) ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy, işleýän ýeriniň doly ady we wezipesi, ýuridik şahs döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahsyň şahsy salgyt belgisi;

4) Buýruk we/ýa-da barlagyň möhletini uzaltmak hakynda buýruk barada maglumat;

5) pula gözegçilik edýän agentleriň barlaglarynyň netijesinde ýüze çykarylan kanunyň bozulmalary hakynda maglumatlar;

6) Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy bilen maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagyna getiren ýagdaýlar (bar bolsa);

7) Kanunda bu maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagyna getiren kanun bozulma üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan madda;

8) barlagyň maksatnamasyna laýyklykda geçirilen barlagyň netijeleri;

9) barlagyň subýektleriniň barlagyň netijeleri boýunça şikaýat etmek hukugynyň bardygy barada gol çekdirmek arkaly duýdurylmagy;

10) Bellik onda:

a) barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylarynyň (başga jogapkär wezipeli işgärleriniň) teswirnamany we barlagy bellemek hakyndaky namany kabul etmekden ýüz öwürmegiň sebäbi barada ýazmaça düşündirişiniň bolan ýagdaýynda, şol düşündiriş barlagyň ykrarnamasyna goşulýar.

b) maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynmagy üçin zerur bolan gaýry maglumatlar, ýagny maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynjak fiziki şahs ýa-da ýuridik şahsyň wekili teswirnama gol çekmekden ýüz öwüren halatynda we şuňa meňzeş ýagdaýlar beýan edilýär.

21. Barlagyň möhletiniň tamamlanmagy diýlip barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylaryna ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärlerine barlagyň ykrarnamasynyň nusgasynyň gowşurylan güni hasap edilýär.

22. Barlagyň ykrarnamasy iki asyl nusgada düzülýär we pula gözegçilik edýän edaranyň barlag geçiren wezipeli işgärleri, barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärleri tarapyndan gol çekilýär.

23. Gol çekilen barlagyň ykrarnamanyň bir asyl nusgasy barlagyň subýektlerine berilýär we bir asyl nusgasy pula gözegçilik edýän edarada galýar.

24. Barlagyň netijeleri boýunça resmileşdirilen pula gözegçilik edýän edaranyň ykrarnamasy 5 (bäş)

senenama gününiň dowamynda şu Tertibiň III babyna laýyklykda, degişli işleri geçirmek üçin Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy hakynda meseleler boýunça toparyň (mundan beýläk-Topar) garamagyna geçirilýär.

25. Ykrarnama düzülende maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynjak fiziki ýa-da ýuridik şahsa ýa-da olaryň wekiline Kanunda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirilýär hem-de bu barada ykrarnamada ýazgy edilýär.

26. Ykrarnama barlagyň ýolbaşçysy, barlaga gatnaşan wezipeli işgärler hem-de maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynjak fiziki ýa-da ýuridik şahs ýa-da olaryň wekili tarapyndan gol çekilýär.

27. Maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynjak fiziki ýa-da ýuridik şahs ýa-da olaryň wekili tarapyndan ykrarnama gol çekmekden ýüz öwüren halatynda onda ykrarnamada bu barada degişli ýazgy edilýär.

28. Maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri salynjak fiziki ýa-da ýuridik şahs ýa-da olaryň wekili düşündiriş we ykrarnamanyň mazmuny boýunça özüniň belliklerini bermäge, şeýle-de ykrarnama gol çekmekden ýüz öwürmeginiň sebäplerini görkezmäge haklydyrlar. Olaryň düşündirişi we bellikleri ykrarnama goşulýar.

## III bap. Maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy baradaky işe seretmek barada Topar we onuň çykarýan çözgüdi

29. Maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy barada işe şu aşakda görkezilen düzüminde pula gözegçilik edýän edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen tassyklanan Topar tarapyndan seredilýär:

1) Toparyň başlygy-Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Başlygy;

2) Toparyň agzalary:

a) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Başlygyň orunbasary;

b) Bank gözegçiligi müdirliginiň başlygy;

ç) Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar müdirliginiň başlygy;

d) Bankara pul biržasynyň dolandyryjysy;

e) Hukuk gullugynyň başlygy;

3) Toparyň kätibi - Bank gözegçiligi müdirliginiň işgäri.

30. Topar onuň garamagyna hödürlenen maglumatlary öwrenip, kanunçylygyň talaplaryna esaslanyp, degişliligi boýunça subýekt babatynda maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň ulanylmagy barada Çözgüt (mundan beýläk Çözgüt, şu Tertibe goşundy) ýa-da ulanylmazlygy barada netijenama kabul edýär.

31. Pula gözegçilik edýän edara tarapyndan Kanunyň 36-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen subýektlere maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň ulanylmagyna şu aşakdaky ýagdaýlarda ýol berilmeýär, eger:

1) olara sebäp bolan ýagdaýlar pula gözegçilik edýän edaranyň we agentleriň bikanun hereketleri (hereketsizligi) bilen baglanyşykly bolsa;

2) agzalan ýagdaýlar ýeňip geçip bolmaýan güýjüň hereketi netijesinde bolan bolsa;

3) hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasy kazyýete hak isleginiň bildirilmegi bilen üzülse ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça togtadylsa;

4) maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy bilen bagly Kanunyň düzgünini bozujyny jogapkärçilige çekmek barada resminamalar hak islegiň döremegine getirýän subýektiw şertleriň ýüze çykarylmagy netijesinde kazyýete geçirilen bolsa;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen başga ýagdaýlar bolanda.

32. Netijenamada maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy üçin degişli esaslaryň ýokdugyny tassyklaýan deliller görkezilip, Toparyň başlygy we beýleki agzalary tarapyndan gol çekilýär.

33. Çözgüt Toparyň başlygy we beýleki agzalary tarapyndan gol çekilýär. Maliýe jerime we puşmana tölegi salnandygy barada Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda çözgüdiň nusgasy 2 (iki) iş gününiň içinde özi babatda şol karar çykarylan fiziki ýa-da ýuridik şahsa ýa-da olaryň wekiline gowşurylýar.

34. Maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy bilen bagly Kanunyň düzgünini bozan fiziki ýa-da ýuridik şahs özüne maliýe jerime we puşmana tölegi salnandygy hakyndaky Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda çözgüdiň gowşurylan gününden pula gözegçilik edýän agentler tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jedelsiz tertipde töletdirilýär.

35. Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda kararyň nusgasy dil haty alnyp gowşurylýar.

## IV bap. Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy barada jogapkärçilige çekmek döwri, işiň seredilýän ýeri we möhletleri

36. Türkmenistanyň pul kanunçylygynyň bozulandygy üçin maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri olaryň ýüze çykarylan ýylyndan öň gelýän bäş ýyldan köp bolmadyk döwürde goýberilen düzgün bozulmalar üçin salnyp bilner.

37. Dahyllynyň we dahylsyzyň puşmana tölegini tölemek boýunça borjy düzgün bozmanyň ýüze çykan pursatyndan başlanýar we dahyllynyň hem dahylsyzyň ýüze çykarylan düzgün bozulmany doly aradan aýran pursadyna ýa-da hasaplanan puşmana tölegleriniň ýüze çykarylan düzgün bozulmanyň ýüz göterimine ýeten pursadyna çenli dowam edýär.

38. Kanunyň 30-njy, 32-nji we 36-njy maddalary esasynda pula gözegçilik edýän edara we agentler tarapyndan Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda şu Tertibiň ýigrimi ikinji böleginde bellenilenler boýunça hem-de Kanunyň $6^1$-nji maddasyna laýyklykda maglumatlar alnan gününden 3 (üç) senenama gün möhletde Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy barada işe seredilýär.

39. Barlaglary amala aşyran wezipeli adamlarynyň hereketleri (hereketsizligi) we Toparyň çözgütleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişlilikde administratiw ýa-da kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

## V. Pula gözegçilik edýän edaranyň we agentleriň Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça geçiren işleri barada hasabat

40. Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň gözegçiligini kämilleşdirmek maksady bilen, Pula gözegçilik edýän edara özi tarapyndan Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý etmegiň meseleleri boýunça geçirlen işleri barada hasabaty (munda beýläk-Hasabat) hasabat döwründen soňky aýyň 15-i senesine çenli bermek möhleti bilen çärýekleýin hasabaty girizýär.

41. Hasabatda salnan maliýe jerimeleriň we puşmana tölegleriň möçberi daşary ýurt we/ýa-da milli pulda görkezilýär.

42. Çärýekleýin Hasabat ýylynyň başyndan başlap her hasabat döwründen ösýän jemde berilýär we olaryň esasynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň merkezi edarasy jemleýji hasabaty düzýär.

43. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik kadalar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň pul kanunçylygyny berjaý
etmegiň meseleleri boýunça barlaglary
geçirmegiň, şeýle-de Türkmenistanyň pul
kanunçylygynyň bozulandygy üçin ulanylýan
maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri
salmagyň, olar barada hasabat bermegiň
Tertibine goşundy

**Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda**
**ÇÖZGÜT ________**

(belgisi)

«_____» ________________ 20____ýyl                    _______________________

(sene)                                                  (çykarylan ýeri)

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünleriniň bozulandygy hakyndaky iş boýunça düzülen ykrarnamany we şol işe degişli bolan gaýry resminamalary esasynda,____________________________________________

(Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly özi babatda maliýe jerimeleri

______________________________________________________________________

we puşmana tölegleri salynmagy hakynda işi alnyp barylýan fiziki şahsyň ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

familiýasy, ady, atasynyň ady, ýazgy boýunça we (ýa-da) hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy, işleýän ýeriniň

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

doly ady we wezipesi, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahsyň salgyt belgisi)

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

_____________________________________________________________________şahsyň

(anyklanan ýagdaýlaryň beýany)

hereketlerinde «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň ______________ maddasynda göz öňünde tutulan Kanunyň düzgünini bozmanyň alamatlarynyň bardygyny nazara alyp, «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 36-njy maddasynyň ikinji bölegine gollanyp,

ÇÖZÜLDI :

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünini bozan___________________________________________

______________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady

______________________________________________________________________

ýa-da ýuridik şahsyň ady)

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 36-njy maddasynyň ikinji böleginiň 1-nji bendi we/ýa-da 2-nji bendi esasynda jogapkärçiligine çekip, oňa ____________________________ möçberde maliýe jerime we (ýa-da) puşmana tölegini bellemeli.

Toparyň Başlygy ____________________________________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

Toparyňagzalary____________________________________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

Toparyň kätibi ____________________________________________________________

(goly) (wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)

Bellik ____________________________________________________________

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 36-njy maddasynyň dördünji böleginiň 1-4-nji bentlerinde bellenilenlerden başga ýagdaýda, şu Kanunynyň 36-njy maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda, pula gözegçilik edýän edara tarapyndan ulanylan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri pula gözegçilik edýän agentler tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jedelsiz tertipde töletdirilýär.

Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly özi babatda maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy hakynda işi alnyp barylýan fiziki şahs ýa-da ýuridik şahsyň wekili teswirnama gol çekmekden ýüz öwüren halatynda, bu barada teswirnamada bellik edilýär. Kanuny bozujynyň teswirnama gol çekmekden boýun gaçyrmagy, ony maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň salynmagy hakynda jogapkärçiligine çekmekden boşatmaýar.

Şu Kanunynyň 36-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, pula gözegçilik edýän edaranyň we agentleriň hereketlerine (hereketsizligine) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde dahyllynyň we dahylsyzyň Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda karara şikaýat ýa-da garşylyknama Kanunyň düzgünleriniň bozulmagy hakynda kararyň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden 10 (on) senenama gününiň dowamynda şikaýat etmäge hukugynyň bardygy barada tanyşdyryldy.

Çözgüdiň nusgasyny aldym ___________ ____________________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

«___» ______________ 20__ ýyl